## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1282** **B. M. Şamyradow hakynda**

**Bekmyrat Meşrepowiç Şamyradowy** Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministri wezipesine bellemeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. aprel aýynyň 8-i*
*№PP-5757*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1283** **A. B. Ýagşimammedow hakynda**

**Arslan Berdimämmedowiç Ýagşimammedowy** Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministri wezipesine bellemeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. aprel aýynyň 8-i*
*№PP-5758*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1284** **Şamuhammedow M. A. hakynda**

**Şamuhammedow Muhammetmyrat Annamuhammedowiçi,** işde goýberen düýpli kemçilikleri üçin, Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy wezipesinden boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. aprel aýynyň 8-i*
*№PP-5759*



## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1285** **B. T. Atdaýew hakynda**

**Batyr Taganowiç Atdaýewi** Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy wezipesine bellemeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. aprel aýynyň 8-i*
*№PP-5760*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1286** **Türkmen bedewiniň baýramy mynasybetli döwlet sylaglary bilen sylaglamak we hormatly ady dakmak hakynda**

Täze galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde atçylygy ösdürmwkde, türkmen halkynyň genji-hazynasyna öwrülen behişdi bedewleri ýetişdirmekde, olaryň gadymy ugurlaryny dikeltmekde, dünýäde meşhurlygyny we şan-şöhratyny has-da belende götermekde bitiren hyzmatlary we köp ýyllaryň dowamynda çeken netijeli hem-de halal zähmeti, hünär ussatlygy üçin, şeýle hem Türkmen bedewiniň baýramy mynasybetli, **karar edýärin:**

Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynyň atbakary **Agamyrat Ýegräýewi,**

«Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň S. A. Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynyň seýsi **Enwerguly Orazgulyýewiç Babalyýewi** Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly bilen sylaglamaly.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynyň seýsi **Mälikmyrat Durdyýewiç Muhammedowa** «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy» diýen hormatly ady dakmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. aprel aýynyň 15-i*
*№PP-5761*